***«Parahatçylyk» diýen sözüň ägirt uly hikmeti, çuň mazmuny bar. Biz muňa gündelik durmuşymyzda aýdyň göz ýetirýäris. Ýaşulularymyzyň: «Asmanymyz asuda, Zeminimiz abat, ýurt parahat bolsun!» diýip, her gezek ýagşy doga-dileg etmegi milli ýörelgelerimizden gözbaş alýar. Elbetde, asmanyň asudalygy, Zeminiň parahatlygy uly bagt! Şol bagtyýarlygyň bolsa hemişelik Bitaraplyk taglymaty bilen berk baglanyşýandygy misilsiz hakykatdyr.***

Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde «Bitarap — hiç tarapa goşulmaýan» we «Bitaraplyk — bitarap syýasaty ýöretmeklik, hiç bir tarapa goşulmazlyk, gatyşmazlyk» diýlip düşündiriş berilýär. Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistan şu ýörelgelerden ugur alyp, diňe bir öz ýurdumyzda asudalygyň hem parahatçylygyň dabaralanmagyny üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, şonuň bilen birlikde, öz ýerleşýän sebitinde hem-de tutuş dünýäde parahatçylygyň, syýasy durnuklylygyň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

Turuwbaşdan uly üstünliklere, şöhratly wakalara beslenýän 2025-nji ýyl Türkmenistan üçin aýratyn şanly we taryhy ýyllaryň biridir. Çünki ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagyna 30 ýyl dolýar, dünýä bileleşigi bolsa BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygyny belleýär. Bu seneler mynasybetli halkara çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet topary tarapyndan ähli zerur tagallalar edilip, 22-nji noýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda guramaçylyk döwlet toparynyň nobatdaky mejlisiniň geçirilmegi möhüm ähmiýete eýe boldy. Milli Liderimiz paýtagtymyzda halkara çäreleriň geçiriljek binalarynyň taýýarlyk derejesi bilen hem tanyşdy.

Kök çuň we berk bolsa, daragt şonça-da kuwwatly bolýar. Şunda Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly goşgusynda: «Adamzadyň arzuwy abatlyga telwasdyr!» diýýär. Abatlygyň binýady birek-birege hormat goýmagyň we özara düşünişmegiň esasynda emele gelýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly deňhukukly, açyk, netijeli gatnaşyklaryň medeniýetini we dialog filosofiýasyny dabaralandyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolar. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýen düşünjä, ine, şu jähetden baha bermek dogrudyr.

**Azada MATKARIMOWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň 2-nji ýyl talyby.**

Все права защищены
save pdf date >>> 05.02.2026